***Mekdebe çenli çagalar edaralarynda tomus sagaldyş möwsümini guramagyň aýratynlyklary bolýar. Tomusky sagaldyş möwsümini guramak gyzyklanma, göwnaçma çäreleriniň gün tertibini düzmekden, taplama çärelerini ýola goýmakdan, terbiýeçilik-sagaldyş çärelerine gözegçilik etmekden ybaratdyr. Tomusky sagaldyş möwsüminde sapaklaryň ýerine gyzyklanma, göwnaçma çäreleri guralýar we çaganyň ukusynyň dowamlylygy uzaýar. Taplama çäreleri ýola goýulýar.***

Taplama çäresini geçirmegiň maksady çagalaryň saglygyny goramakdyr. Çagalary dogry taplamak lukmanyň we şepagat uýasynyň maslahaty esasynda alnyp barylýar. Tomus aýlary çagalar howa wannalarynda suwda taplanýar. Howa wannalaryna suwa girilen wagty çagalar ýeňil eşikde bolmaly. Güne taplamak irki gezelençde amal edilmeli. Şol pursatda şepagat uýasynyň çagalaryň ýanynda bolmagy zerurdyr. Gün wannasy alnan wagty çäge, sagat, düşekçeler, kölege üçin saýawan bolmalydyr. Howanyň temperaturasy ýokary bolanda Gün wannasyny kabul etmek maslahat berilmeýär.

Ýurdumyzyň howa şertlerine görä, gyzyklanma, göwnaçma çäreleri daşarda ýörite niýetlenen meýdançada guralsa, has gyzykly, şowhunly geçýär. Çagalaryň özbaşdak gyzyklanma, göwnaçma çärelerini meýilnamalaşdyrmaga taýýarlyk işlerine usulçy ýakyndan kömek etmelidir, maslahat bermelidir. Gyzyklanma, göwnaçma çäreleri ertekileri, hekaýalary sahnalaşdyryp, aýdym aýdyp, goşgy okap, dürli oýunlar oýnadyp şowhunly guralmalydyr. Mundan başga-da, çagalary toparlara bölüp, sport ýaryşlaryny hem guramak bolar. Çagalar surat çekmekde öz döredijilik ukyplaryny, zehinlerini görkezýärler.

Çagalaryň söýgüsini gazanmak her bir terbiýeçiniň baş aladasy bolmalydyr. Öz terbiýeçisini söýmek, oňa ynanmak arkaly çaga bilimler dünýäsine aralaşýar. Şonuň üçin terbiýeçileriň guraýan okuw-terbiýeçilik işleriniň hemmesi çagalara bolan mähir-söýgä, ynsanperwerlige gönükdirilen bolmalydyr.

**Amangül JUMAGELDIÝEWA,**
**Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň 1-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçi-usulyýetçisi.**

Все права защищены